# Güýz gijesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Güýz gijesi GÜÝZ GIJESI

Çigreklije güýz gijesi,
Oýardyň ýarymdan agyp,
Gaçyrdyň şirin ukymy,
Birenaýy sazyň çalyp.

Diňläp otyryn owazyň,
Ak süýt ýaly çyra bakyp,
Tümlügiňe garaýaryn,
Töweregme nazar dikip.

Penjireden baksam daşa,
Gizläpsiň sen Aý jemalyn,
Garaňkyň içinde ýeke,
Niçiksi geçýär ahwalyň.

Meni ukydan oýaryp,
Özüňe taý tutjakmydyň,
Halyňa şygyr ýazdyryp
Sazyňa söz etjekmidiň.

Ýaşlygymy ýada sal-da,
Uçrat ýene yşga meni,
Şol kürteli gelnem al-da,
Äkit söýgi-köşge meni.

Ýetirseň jahyl döwrüme,
Her gije ýoldaş bolaýyn,
Baş goýup şol ak bilege,
Islän şygryňy ýazaýyn. Goşgular